***Türkmen topragy — rysgal-döwletli toprak. Her ýylyň noýabr aýynyň ikinji ýekşenbesinde uludan bellenilýän Hasyl toýy bolsa sahawatly topragymyzyň hasyllylygyny, saçaklarymyzyň berekedini, egsilmez rysgaly alamatlandyrýar. Hasyl toýy — bütin halkyň toýy. Bu baýramy ähli oba hojalykçylarymyz uly zähmet ýeňişleri bilen garşylaýar.***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzda azyklyk bugdaýyň hem-de “ak altynyň” bol hasyly ösdürilip ýetişdirildi. Daýhanlaryň netijeli zähmet çekmegi, ene toprakdan ýokary hasyl almagy üçin döwletimiz tarapyndan ähli zerur şertler döredilýär. Şeýle mümkinçiliklerden peýdalanyp, oba hojalyk işgärleri uly üstünlikleri gazanýarlar. Şunuň bilen baglylykda, şanly ýylda edermen gallaçy daýhanlaryň Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny, pileçileriň bolsa 2 müň 100 tonnadan gowrak pile öndürendiklerini bellemek gerek. Munuň özi oba hojalyk toplumyny özgertmek boýunça Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň oňyn netijelere beslenýändigini görkezýär.

Soňky ýyllarda oba hojalyk pudagyny ösdürmek, onuň guramaçylyk düzümini kämilleşdirmek boýunça uly işler durmuşa geçirildi. Döwlet Baştutanymyzyň Kararlaryna laýyklykda, oba hojalyk toplumyny ulgamlaýyn dolandyrmak we onuň işini kämilleşdirmek maksady bilen, Däneçilik, Ekerançylyk, Pagtaçylyk ylmy-barlag institutlary döredildi. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzda 2024-nji ýylyň hasylyndan başlap, bugdaýyň, pagtanyň we şalynyň döwlet satyn alyş nyrhlary ýokarlandyryldy. Daýhan birleşikleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagyna aýratyn üns berilýär. Daýhan birleşiklerine we hojalyklaryna, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetlerine, kärendeçilere ýeňillikli şertlerde bank karzlary berilýär.

Golaýda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän hem-de Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän täze toplumlaryň gurluşygyna badalga berildi. Bu toplumlar ýene sanlyja ýyldan ýurdumyzyň oba hojalyk önüm öndürijileriniň mineral dökünler bilen üpjünçilik derejesini ýokarlandyryp, azyk bolçulygynyň we onuň eksport kuwwatynyň has-da pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşar.

Jemläp aýdanyňda, gadymy ekerançylyk medeniýetiniň ýurdy hökmünde tanalýan Türkmenistanda häzirki wagtda oba hojalyk pudagynyň ösdürilmegi täze many-mazmuna eýe bolýar. Ýurdumyzda türkmen ekerançylarynyň zehinini we zähmetsöýerligini, mähriban topragymyzyň egsilmez sahawatyny alamatlandyrýan Hasyl toýunyň giňden bellenilmegi

Все права защищены

munuň aýdyň subutnamasydyr.

**Gadam SEÝLIÝEW,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň pedagogika fakultetiniň başlangyç bilim mugallymçylygy we psihologiýasy hünäriniň 404-nji toparynyň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026